# Ýanmazmy?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýanmazmy? ÝANMAZMY?



Pygan kim ol lebi meýgun içip ganymny ganmazmy?
Huzyn janymga her dem zulmy-bidadyn aýanmazmy?
Ýanyp şowk oduna başdan aýak jismim tükenmezmi?
Meni jandan usandyrdy jepadan ýar usanmazmy?
Pelek ýandy ahymdan myradym şemgy ýanmazmy?
Bolup ol butnykap efken çekermen detlig şuýun,
Pelek sakfyn kylyp rowzen, gazam enduh, ýerim gülhan,

Işim walah, tilim elken sözüm bolmagaýmu mustahsan,
Gamym pinhan tutardym men, diýdiler ýara kyl röwşen,
Diýsem ol biwepa bilmen, ynanarmy, ynanmazmy?

Çykypdyr ol mahy-taban jemalydan jahan rahşan,
Guwan eý gözgün eý jan içiñde galmasyn arman,
Eýlendirme bolup haýran, kylypdyr wagdaýy-peýman,
Kamu bimaryna janan dowaýy-dert eder yhsan,
Niçik kylmaz maña derman meni bimara sanmazmy?

Gözüñ pür pitneýi-jadu gazaly-müşki-anbar bu,
Atasen ok keman ebru kylarmen janymy kaýu,
Durar köñlüm aña garşy barar eşkim bolup ju-ju,
Güli-ruhsaryña arzu gözümden ganmy akar, suw,
Habybym pasly-güldür bu akar suwlar bulanmazmy?

Pyrakyñda meni-bidil, işim müşgül üze müşgül,
Düzüp sen gaýr ile mehfel, ýatyp men hasta aýy-ýyl,
Seri-köýiñ kylyp menzil, myradym bolmady hasyl,
Degildim men saña maýyl, sen etdiñ aklymy zaýyl,
Meni tagn eýlebän gapyl, seni görgeç utanmazmy?

Çykyp ol nä musulmanym, kylarga kasdy-ymanym,
Pelekde ahy-suzanym gözümde eşki-galtanym,
Içimde derdi pynhanym, tebibi ýokmu dermanym!
Şebi-hijran ýanar janym, döker gan çeşmi-giryanym,
Oýadar halky efganym, gara bagtym oýanmazmy?

Jahanda doly gowgadyr, pygan kim Andalybadyr,
Ne ýañlyg şuruş-efzadyr, tili waspyñda göýädir,
Aña köýüñde makwadyr, elinde jamy-sahbadyr,
Fizuly rendi-şeýdadyr, hemişe halka ryswadyr,
Görüñ kim ne söwdadyr, bu söwdadan usanmazmy?

JYKYR

Höweslik daýhanlara bir näzenin jenan jykyr,
Bolsa suw wagty ekişde aýlanar çendan jykyr,
Iki ýüz tylla bahasy bolsa hem arzan jykyr,

Bulduran suwny guýarda öresi lerzan jykyr,
Eşki-silap gözlerinden akyzur girýan jykyr.

Her säherler nala eýläp, kyçgyrar şeýda bolup,
Aýlanar ýüz nagma birle bilbili-göýä bolup,
Kölçe-kölçe ýerlere rahmet suwy derýa bolup,
Rahmetiden gögerer jümle nebatat ja bolup,
Hak tagala zikrin aýdar gijeler efgan jykyr.

Sen gulak goýsañ ýakar her dem-be dem owazy hoş,
Balaman, dutar, sitardan erur hem sazy hoş,
Suw perawan bolsa hem bolar anda ýazy hoş,
Dem-be dem dökse digir suwny pykyrdap näzi hoş.
Biz kibi uftadalarnyñ derdige derman jykyr.

Bolsa göýä bir sapar kim aýlanurda joş eder,
Eýesi ýüz müñ senalar birle köñlün hoş eder,
Mähriban bolsa huda kimge jykyrny duş eder,
Kim jykyrnyñ lezzetin bilmez kişi medhuş eder,
Der hakykat bilgen ilniñ aslydyr daýhan jykyr.

Bu jykyrga müñ-de bir agaç, biliñ, derkar erur,
Her biri bir labz ile zikri-hudaga zar erur,
Biri subhan diýr, biri alhamdililla ýar erur,
Aýlanurda, gysgany çarhypelek dek bar erur,
Digiri huw-huw diýip, bagyrar biryan jykyr.

Öresi bakyp semaga arşt-agla görgüsi,
Hak tagala birligige hem güwälik bergisi,
Eýesi hak sunguna daýym tomaşa kylgysy,
Suwundan pes-u belent, şor zeminler dogrusy,
Aby-rahmetden gögerer bag ile bossan jykyr.

Läilaha-illalla diýp, arpa-bugdaýa baş urar,
Laşerike-wahdahu diýp, jugart hem çäş olur,
Käşir-u künji, zygyr, şaly ajaýyp aş olur,
Jugaryny köp ekiñ, anyñ hurşy mäş olur,
Yhtyýat eýläñ, ýaranlar, bolmasyn weýran jykyr.

Hem üzüm peýda bolur, injir-u zerdalylar,
Alma, kişmiş, garpyzu-tarbyz, garaalylar,
Pisseler, enarlar, gyzyl gül açylyp gül-läleler,
Uşbu güllerni görüp, çenden bolar messan jykyr.

Kimki bilmez bu jykyrnyñ lezzetin haýwan erur,
Telmirip oltursa suw diýp, akmag-u nadan erur,
Daşmasa suw ýer üçin işimiz müñ efgan erur,
Şükür alla Andalyp kyldy jykyr jowlap erur,
Biz kibi üftadalarnyñ derdige derman jykyr. Goşgular